***25-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystana amala aşyrýan döwlet saparyny günüň ikinji ýarymynda «Älem.AI» halkara emeli aň merkezine baryp görmek bilen jemledi. Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň resmi wekilleri bilen bilelikde merkeziň alyp barýan işi hem-de aýratynlyklary bilen ýakyndan tanyşdy.***

Astanada geçirilen «EKSPO — 2017» halkara ýöriteleşdirilen sergisiniň infrastrukturasynyň binýadynda şu ýylyň oktýabrynda açylan «Älem.AI» merkezi emeli aň ulgamynda ylmy açyşlar, startaplar we halkara hyzmatdaşlyk üçin esasy meýdançany döretmek maksady bilen işe girizildi. Onuň baş wezipesi Gazagystanyň emeli aň boýunça çözgütleriniň eksportyny giňeltmekden, ýurtda tehnologik hem-de ykdysady ösüşi hil taýdan täze derejä çykarmakdan ybaratdyr.

«Nur-Älem» diýlip atlandyrylýan, togalak şekilli binanyň 8 gatynyň hersinde sergileri, emeli aň boýunça umumy sapaklary, talyplardyr mekdep okuwçylaryna programmirleme, 3D dizaýn we emeli aň tehnologiýalary barada okuwlary geçmek üçin auditoriýalar ýerleşýär. Şeýle-de bu ýerde emeli aň kinoteatry hem-de muzeýi hereket edýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026